**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

**— MENIŇ MAKSADYM TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ MILLI MEKDEBINI HEMMETARAPLAÝYN GOLDAMAKDAN WE DÜNÝÄNIŇ IŇ ÖSEN TALAPLARYNA LAÝYK GELÝÄN BILIM ULGAMYNY SIZE ELÝETERLI ETMEKDEN YBARATDYR.**




# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

METBUGAT — INTERNET GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

INTERNET NEWSPAPER

№ 12, 2021-nji ýylyň 31-nji iýuly

Our main goal is to serve the Motherland!

*Internet gazeti 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar*

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*


*Syýasy teswir*

# AWAZA — 2021: DÜNÝÄ ÝAŇ SALJAK TARYHY WAKALAR



***Häzirki döwürde Türkmenistan Watanymyzyň gözel künjekleriniň biri bolan “Awaza” milli syýahatçylyk zolagy bütin dünýäniň üns merkezine öwrülýär. Munuň şeýledigine bu ýerde geçirilýän halkara ähmiýetli çäreleriň yzygiderli artmagynda hem aýdyň göz ýetirmek bolýar. “Awaza” milli syýahatçylyk zolagy dynç almak, syýahat etmek üçin ähmiýetli künjek bolmak bilen bir hatarda, halkara derejesindäki forumlaryň, maslahatlaryň geçirilýän merkezine hem öwrülýär.***

“Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” ýylynyň awgust aýynda Hazaryň türkmen kenarynda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy geçiriler. Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 17-nji iýulynda bolan Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň dowamynda bu möhüm ähmiýetli çäräni ýokary derejede geçirmek boýunça degişli ýolbaşçylara anyk görkezmeleri berdi.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, awgust aýynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda möhüm halkara çäreleri geçiriler. Olar:

***Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygyndan;***

***Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogyndan;***

***Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumyndan we sergisinden;***

***Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli tagamlarynyň halkara festiwalyndan;***

***Sebitiň ýurtlarynyň sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konsertinden ybaratdyr.***

Geçiriljek bu möhüm çäreleriň ählisi hem Türkmenistan döwletimiziň Merkezi Aziýada eýeleýän ornunyň barha ýokarlanýandygyny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, bu halkara ähmiýetli çäreleri ýokary guramaçylykda geçirmek maksady bilen, Guramaçylyk topary hem döredildi.

Geçirilmegine garaşylýan çäreleriň düzüminde muzeý gymmatlyklarynyň we amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergisini, Türkmenbaşy şäherindäki Ruhyýet köşgünde hem-de “Awaza” milli syýatçylyk zolagyndaky deňiz suw çüwdürimli seýilgähde Türkmenistanyň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň medeniýet we sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konsertini geçirmek meýilleşdirilýär. Sungat ussatlarynyň çykyşlarynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe günsaýyn özgerýän Diýarymyzyň ýeten belent sepgitleri, hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň halkara gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda eýeleýän ornuny görkezýän çykyşlar öz beýanyny tapar. Şeýle hem, Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna degişli 9620 inedördül metr meýdanda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli önümleriniň sergisi üçin taýýarlyk işleri gurnalýar. Sergide milli pawilýonlary, ýurdumyzyň ministrlikleriniň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň pawilýonlaryny ýerleşdirmek meýilleşdirilýär.

“Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany” ýylynda geçirilmegine garaşylýan bu möhüm halkara çäreler hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan Watanymyzyň sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy we birek-birege ynanyşmagy pugtalandyrýan ýurt hökmünde abraýynyň barha belende göterilýändiginiň ýene bir ajaýyp subutnamasyna öwrüler.


***Laçyn BERDIMYRADOWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň V ýyl talyby.***


## Türkmenistan halkara media giňişliklerinde

**SNG.TODAY**

*On July 29, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov spoke by phone with Minister of Foreign Affairs of Kyrgyzstan Ruslan Kazakbayev and discussed with him the preparation for the organization of the Consultative Meeting of the leaders of the Central Asian states at the highest level. The main attention was paid to the prepared documents that need to be signed within the framework of the upcoming event.*

*The politicians expressed mutual confidence in holding the meeting of the presidents of the Central Asian countries, which will be held on August 5-6 at the Avaza NTZ, at the highest organizational level. The interlocutors noted that this meeting contributes to the further expansion of mutually beneficial partnership at the regional level.*

*In addition, the officials focused on holding the planned important meetings as part of the planned event at Avaza.*

**SNG.TODAY**

*Глава Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов в рамках заседания Кабинета Министров рассмотрел с участниками Оргкомитета вопросы подготовки к намеченным на 6 августа мероприятиям международного уровня в туристической зоне «Аваза».*

*По результатам диалога также решены вопросы подготовки к форуму, диалогу женщин, важной выставке продукции региона, презентации местной кухни и выступлению мастеров искусств стран Центральной Азии.*

*Проведение форума послужит повышению статуса туркменского государства и развитию дружеских отношений между государствами.*

*Awaza — 2021: Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumy we sergisi; Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli tagamlarynyň halkara festiwaly; Sebitiň ýurtlarynyň sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konserti.*

# MAGLUMATLAR JEMGYÝETINI ÖSDÜRMEGIŇ ÝOLY BILEN

***Şu ýylyň awgustynda hormatly Prezidentimiziň möhüm başlangyçlary bilen Awazada geçiriljek halkara çäreleriniň arasynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumy we milli önümleriniň halkara sergisi hem uly ähmiýete eýe bolar. Forumda sebiti ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarlarynda maglumatlar jemgyýetini ösdürmek meselesiniň hem giňden ara alnyp maslahatlaşylmagyna garaşylýar. Şu mynasybetli biziň habarçymyzyň Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň syýasy ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine dalaşgäri Kadyr Amandurdyýew bilen guran söhbetdeşligini gazetimizde çap edýäris.***

***— Söhbedimiziň başyny hormatly Prezidentimiziň maglumatlar jemgyýetini döretmekde öňde goýýan wezipelerinden başlaýsak?!***

— Bu ugurda ozaly bilen hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylda bolup geçen Halk maslahatynda ýurdumyzyň geljegi hakynda gürrüň edeninde aýdan sözleri ýadyňa düşýär. Şonda Döwlet Baştutanymyz: „Men ýurdumyzy adamzat pähim-paýhasynyň ýokary derejä çykmagy netijesinde dörän häzirki zaman medeniýetiniň öňe çykaran iň çylşyrymly wezipelerini çözmäge ukyply ýokary derejede ösen maglumatlar jemgyýeti bolan ýurt hökmünde göz öňüne getirýärin" diýip nygtady.

***— Maglumatlar jemgyetini döwlet derejesinde döretmek işi öz gözbaşyny haýsy döwürlerden alyp gaýdýarka?***

— Maglumat jemgyýetini kemala getirmegiň meseleleri döwlet derejesinde ilkinji gezek ABŞ-da ara alnyp maslahatlaşyldy. Eýýäm 1960 — 70-nji ýyllarda bu ýerde ýurduň ykdysadyýetinde maglumat pudagynyň ähmiýetiniň barha ýokarlanýandygyny we täze tehnologiýalary beýleki ulgamlarda ulanmagyň geljegini ýüze çykaran birnäçe barlaglar geçirildi. ABŞ-dan yzysüre maglumat jemgyýetiniň meselesini işläp düzmäge Ýewropa Bileleşigi hem işjeň goşulýar. ÝB-niň komissiýasynyň 1993-nji ýylda çykarylan "Ösüş, bäsdeşlige ukyplylyk, iş üpjünçiligi – XXI asyryň çagyryşlary we oňa tarap ýollar" atly hasabatynda maglumatlar jemgyýetiniň durnukly ösüşe, bäsdeşlige, ukyplylygy ýokarlandyrmaga, iş orunlaryny artdyrmaga, her bir ýewropalynyň durmuşynyň hilini gowulandyrmaga ýardam edýän uly kuwwatynyň bardygy bellenilýär.

2000-nji ýylyň iýulynda Ýaponiýanyň Okinawa adasynda geçirilen sammitde Global maglumat jemgyýetiniň hartiýasy kabul edildi. Hartiýada bellenilişi ýaly, "informasion-kommunikasion tehnologiýalar XXI asyryň jemgyýetiniň kemala gelmegine täsir edýän möhüm faktorlaryň biri bolup durýar".

Halkara derejesinde ilkinji gezek maglumatlar jemgyýetlerini kemala getirmek meseleleri 2003-nji ýylyň dekabrynda Ženewada BMG-niň agza döwletleriniň ýolbaşçylarynyň derejesinde ara alnyp maslahatlaşylmaga öňe sürüldi, bu maslahatlaryň ikinji tapgyry 2005-nji ýylda Tunisde geçirildi. Sammitleriň netijesinde "Maglumat jemgyýetini guramagyň ýörelgeleriniň Jarnamasy-täze müňýyllykda global wezipe" atly Jarnamanyň we global maglumat jemgyýetini ösdürmegiň "Hereketleriniň meýilnamasynyň", "Interneti dolandyrmak boýunça Doklady" beýan edildi we onuň esasynda "Maglumat jemgyýetiniň Tunis maksatnamasy" kabul edildi we informasion ulgamy dolandyrmak boýunça esasy dawaly meseleleriň çözgütleri işlenip taýýarlandy.

Alymlar maglumat jemgyýetini ösdürmegiň Günbatar we Gündogar diýen iki modelini tapawutlandyrýarlar. Günbatar modeliniň çäklerinde Amerikan modeli, ýa-da başgaça atlandyrylyşyna görä "Silikon jülgäniň modeli" bazar mehanizmleriniň ulanylmagyna esaslanýar we ilkinji nobatda, ilata we telekeçilige hyzmat etmäge gönükdirilendir. Ýewropa Bileleşiginiň maglumat jemgyýeti ösdürmekde döwletiň orny babatdaky bu çemeleşme ÝB-niň 1993-nji ýyldaky rezolýusiýasynda beýan edilýär, onda bazar we sosial gönükmäniň arasynda sazlaşygy tapmagyň zerurlygy bellenilýär.

Maglumat jemgyýetini ösdürmegiň Gündogar modeliniň wekilleri (Ýaponiýa, Günorta Koreýa, Taýwan, Singapur, Gonkong we Hytaý) Günbatar çemeleşmeden tapawutlanýan, ilkinji nobatda, industriallaşdyrma, maglumatlaşma we sosial ösüş babatda öz gymmatlyk çelgilerini bellenilmegine esaslanýan çemeleşmäni işläp düzmäge çalyşýarlar.

Ozalky SSSR-iň düzümine giren döwletleriň içinde maglumatlaşma babatda has uly ösüş gazanan ýurtlaryň biri Estoniýa hasap edilýär. Estonlar eýýäm 2005-nji ýyldan bäri internet arkaly ses berýärler. 2010-njy ýylda ilat ýazuwy Internetiň kömegi bilen geçirildi.

"Informasion Gazagystan – 2020" maksatnamasynyň kabul edilmegi bilen "e-Maliýe ministrligi" we "e-Statistika" taslamalary amala aşyryldy. "Elektron hökümetiň" infrastrukturasy arkaly döwlet edaralary tarapyndan ilata we telekeçilige hyzmatlar edilýär.

***— Maglumatlar jemgyýetini döretmekde ýurdumyzyň gazanýan üstünlikleri barada gürrüň beräýseňiz?***

— Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz aragatnaşyk, maglumat tehnologiýalar, aerokosmiki gurşaw ulgamlaryny ösdürmegiň tarapdary bolup durýar we bugurlary ösdürmek üçin tagallalar edýär. Bu ulgamda alyp barýan innowasion, ýadawsyz aladalary üçin Halkara informatizasiýa akademiýasy Türkmenistanyň Prezidentini „Habarly jemgyýeti ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin" atly ýokary derejeli halkara ordeni bilen sylaglady.

Türkmenistanyň Prezidenti jemgyýetiň maglumatlaşma işlerini yzygiderli alyp barmak bilen, aragatnaşyk gurşawyny ýokary depgin bilen ösdürmäge degişli täze başlangyçlary öňe sürýär. Döwlet maglumatlaryna laýyklykda Diýarymyzyň ähli künjegini döwrebap optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlary gurşap alýar. Türkmenistanyň çäkleri boýunça Hytaýyň Urumçy şäherinden Germaniýanyň Frankfurt şäherine çenli umumy uzynlygy 27 müň kilometr bolan Trans – Aziýa – Ýewropa optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň 708 kilometrlik böleginiň geçýändigi möhümdir. Ýurdumyzda halkalaýyn Aşgabat – Mary – Türkmenabat – Daşoguz – Aşgabat we radial Garabogaz – Türkmenbaşy – Aşgabat – Mary – Türkmenabat – Kerki – Ymamnazar iki sany magistral optiki-süýümli ulgamlar hereket edýär.

Türkmenistanda internetiň ösüş depginini 2007-nji ýyla çenli haýal ösýän häsiýetde görkezip bolar, häzirki wagtda bolsa internet ulgamy çalt depginler bilen ösýär. 2012-nji ýylda abonentleriň sany bir milliondan geçýärdi. 2018-nji ýylda 2 million 291 sany internet ulanyjylar bellige alyndy.

Türkmenistanda ykjam aragatnaşygyň abonentleri gyşarnyksyz artýar, 2012-nji ýylda olar 4 million abonentden hem ýokary geçdi.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa ornaşdyrmakda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky 984-nji belgili Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» möhüm ädim boldy.

Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz portunda geçiriljek Merkezi Aziýa ýurtlarynyň milli önümleriniň halkara sergisine Türkmenistan hem önümçilikde gazanan belent üstünlikleri bilen gatnaşar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 9-njy iýulynda çykaran 14330-njy belgili Karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlary öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet maksatnamasy" ýurdumyzda öndürip bolýan önümleriň önümçiliklerini döretmek arkaly importyň düzümini kämilleşdirmek wezipesi goýuldy. Maksatnama boýunça dürli görnüşli elektron önümleri öndürýän önümçilikleri döretmek esasy ugurlaryň sanawynda monokristal kremnini we onuň esasynda alynýan materiallary we elementleri öndürýän kärhanany ýokary tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy esasynda ykjam el we beýleki telefon apparatlarynyň plastik kartlary üçin mikroshemalary, şeýle hem ýarym geçiriji enjamlary we fotoelektrik modullary döretmek wezipeleri goýuldy. Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda kompýuterler hem öndürilip başlandy. Bu sergide ýurdumyzda öndürilýän milli maglumat-telekomunikasiýa önümleriniň, elektron enjamlarynyň, kompýuterleriň we ykjam telefonlaryň görkezilmegine garaşylýar.

2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen "Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny" amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy" tassyklanyldy.

Dünýä döwletleriň maglumat jemgyýetlerini gurmakdaky strategiýalary we tejribeleri ýurdumyzyň maglumat jemgyýetini gurmakda uly ähmiýetiniň bardygy şübhesizdir. Jemgyýeti täze tehnologiýalaryň esasynda özgertmek işleri uly tejribeleri bilmek we olary peýdalanmak mümkinçiliklerini talap edýär.

**— Beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin köp sag boluň!**

***Söhbetdeş bolan:***
***Bakydurdy GARAÝEW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.***
***«Ýaş diplomatyň sesi».***



## Цитаты из книги глубокоуважаемого Президента Гурбангулы Бердимухамедова

### "Поклонение матери – преклонение перед святыней"



*Рай находится под ногами ваших матерей.*

* * *

*В узорах – материнское усердие.*

* * *

*Первые шаги ребёнка и гордость матерей.*

* * *

*«Человек, любящий свою мать, любит и свой народ».*

* * *

*«Ребёнок узнаёт свою мать по её улыбке».*

* * *

*Душа матери чиста, словно небо, сердце лучезарно, словно солнце.*

* * *

*Национальное наследие приукрашает образ женщины.*

* * *

*Если мать будет довольна твоими поступками, это будет благословением тебе.*

* * *

*Мать – величие, созданное для формирования человека.*

* * *

*Изящество, творимое женским усердием.*

***Алманар ЯЗБЕРДЫЕВА,***
***председатель первичной женской организации Института международных отношений МИД Туркменистана.***



AWAZA —2021

# SANLY ULGAM ÖSÜŞ ÝOLUNDA

***Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň milli ykdysadyýetimizi sanlaşdyrmak, tehnologiýalaşdyrmak boýunça öňe sürýän döwlet syýasaty esasynda sanly ulgama geçmegiň depginini ýokarlandyrmak häzirki wagtda geljegi uly bolan ugurlaryň biridir. Munuň şeýledigini ýakyn wagtlarda Awazada geçiriljek halkara forumlarynyň hatarynda sebit ýurtlarynyň ykdysady forumynda sanly ulgamy döwerebap ösdürmegiň meseleleriniň hem öz beýanyny tapjaklygy bütin aýdyňlygy bilen görkezýär.***

Türkmenistanyň Prezidentiniň “Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlaryny öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet Maksatnamasynyň” hem-de “Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň” durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürilmeklige gönükdirilen düýpli çäreler amala aşyrylýar. “Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyny” durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaryny sanlaşdyrmak boýunça maksatlar, wezipeler we esasy ugurlar kesgitlenilip, bu işi üç tapgyrda amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Alymlaryň bellemegine görä, sanly diplomatiýa, radio we telewideniýe ýaýlymlaryny internet sahypalarynda ýerleşdirmeklik, sanly edebiýaty köpçülige ýaýratmak, blog giňişligindäki diskussiýalara gözegçilik etmek, öýjükli telefonlar arkaly maglumat ibermek, şeýle-de jemgyýetçilik ulgamlarynda hökümet agzalarynyň şahsy sahypalaryny döretmek giň jemgyýet köpçüligine täsir etmegiň esasy ýollarynyň biridir.



Häzirki wagtda Türkmenistanyň diplomatik hyzmatlarynyň sanlaşdyrylyşy ep-esli güýçlendirildi, bu bolsa ýokary tehnologik mümkinçiligini, internet torunyň ýüküni köp esse ýokarlandyrmaga we wideoşekilli gepleşikleri geçirmäge taýýardygyny görkezdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň diplomatik ulgamy häzirki zaman sanly tehnologiýalary bilen doly üpjün edildi. Mysal üçin, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýörite internet saýty (www.mfa.gov.tm), Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň internet saýtlary, şeýle hem, “Halkara täzelikler” atly hepdelik elektron gazeti (www.mfa.gov.tm/ru/newspapers ) döredilip, olarda köp maglumatlar internetiň üsti bilen beýan edilýär. Şeýle-de, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygyna bagyşlanan www.neutrality.gov.tm internet saýty döredilip, onda hormatly Prezidentimiziň eserleriniň elektron kitaplary ýerleşdirilendir. Bu bolsa daşary ýurtly okyjylara Türkmenistan bilen ýakyndan tanyşmaga mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň düzüminde “Sanly diplomatiýa” bölümi döredildi. Bu bölümiň döredilmekligi daşary ýurt hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary ösdürmekde sanly tehnologiýalaryň mümkinçiliklerini peýdalanmaklyga we uzak aralykdan dürli görnüşli syýasy ähmiýetli çäreleri ýokary guramaçylykly geçirmeklige ýakyndan ýardam berýär. Diňe soňky gysga döwrüň içinde dünýäniň köp döwletleriniň COVID-19 koronawirus pandemiýasy bilen ýüzbe-ýüz bolan häzirki şertlerinde daşary syýasatymyzda sanly diplomatiýanyň orny has-da artyp, ol daşary syýasatymyzyň aýrylmaz bir bölegi boldy. Onuň netijesinde ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşikleriň birnäçesi, şol sanda iri halkara guramalarynyň we gurluşlarynyň çägindäki sammitleri onlaýn tertipde geçirilip, olar baradaky maglumatlar ministrligiň internet saýtynda yzygiderli öz beýanyny tapýar.

Hormatly Prezidentimiz Goşulyşmazlyk hereketiniň ýokary derejedäki duşuşygynda eden çykyşynda “Pandemiýa we onuň ýaramaz netijelerine garşy göreşde ýokary derejeli hünärmenleriň ysnyşykly işlemeginiň örän uly ähmiýeti bardyr. Bu ugurda ylmy diplomatiýanyň usullaryny doly derejede ulanmak gerek” diýip belledi. Şeýle talaplar, nazary bilimleriňi halkara gatnaşyklarynda ulanyp bilýän diplomatik gullugyň geljekki işgärlerini taýýarlamakda hem peýdalanylýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw maksatnamalaryny kämilleşdirmek, döwrümiziň derwaýys meselelerine laýyk gelýän täze dersler we ýörite okuw sapaklaryny girizmek boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem, Halkara gatnaşyklary institutynda “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda” Konsepsiýasyny durmuşa ornaşdyrmagyň çäklerinde, bitewi maglumat tory, sanly bilim portaly hem-de ýörite internet saýty (https://www.iirmfa.edu.tm/) döredildi. Hususan-da, institutyň sanly internet portalynda talyplar üçin niýetlenen ylmy edebiýatlary, umumy sapaklary we wideo okuw sapaklary saklanylýar. Onda bilim-terbiýeçilik işlerine degişli dürli häsiýetdäki maglumatlar, ylmy-amaly maslahatlara degişli neşirler, dünýäde ylymda we tehnikada gazanylan täzelikler öz beýanyny tapýar.

Institutyň internet saýtynda bolsa institut baradaky ähli maglumatlar, gündelik geçirilýän çäreler, institutyň halkara hyzmatdaşlygy baradaky maglumatlar ýerleşdirilendir. Bu ulgam jemgyýetiň intellektual mümkinçiliklerini baýlaşdyrmaga ýardam berýär, bilim almagyň bitewi elektron maglumat giňişligini döredýär.

Hormatly Prezidentmiziň başlangyjy esasynda şu ýylyň awgustynda Awazada geçiriljek möhüm çäreler-şol sanda sebit ýurtlarynyň ykdysady forumy we sergisi sebitde sanly ulgamyň döwrebap ösdürilmegine täze itergi berer. Forumda sebitde sanly ulgamy ösdürmegiň meseleleriniň hem öz beýanyny tapjaklygy Türkmenistanyň Prezidentiniň sanly tehnologiýalary, ýokary tizlikli internet ulgamlaryny we toplumlaryny çalt ornaşdyrmak, bu ugurda hünärli işgärleri taýýarlamak bilen baglanyşykly konseptual pikirleriniň we düýpli talaplarynyň paýhaslylygyny we öňdengörüjiligini ýene bir gezek tassyklaýar.



***Suraý ÖWLIÝAGULYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň öwreniji mugallymy.***

# BMG-niň HALKARA GÜNLERI

## Всемирный день борьбы с гепатитом

Ежегодно во всем мире 28 июля отмечается Всемирный день борьбы с гепатитом – этот день является поводом для укрепления национальных и международных усилий по борьбе с гепатитом. Этот день был учрежден в 2011 году Всемирной организацией здравоохранения (ВОЗ) по инициативе Всемирного альянса по борьбе с гепатитом.

Впервые Всемирный день борьбы с гепатитом отметили 19 мая 2008 году, но позднее представители ВОЗ перенесли дату на 28 июля, так как в этот день родился ученый, лауреат Нобелевской премии доктор Барух Бламберг, открывший вирус гепатита **B** и разработавший диагностический тест на вирус, и вакцину против него.

Гепатит – это воспаление печени, вызываемое вирусной инфекцией, является одним из самых распространенных и серьезных инфекционных заболеваний в мире. Существуют пять основных вирусов гепатита, определяемых как типы **A, B, C, D** и **E**. В зависимости от типа гепатита люди могут заразиться либо от инфицированных жидкостей организма, либо от зараженных пищевых продуктов и воды.

По данным ВОЗ, гепатитом **B** или **C** в мире инфицировано 325 миллионов, ежегодно эта болезнь уносит жизни 1,1 миллиона человек. По уровню смертности данная инфекционная болезнь стоит на втором месте после туберкулеза, а число людей, инфицированных гепатитом, в десять раз превышает число ВИЧ-инфицированных.

В мае 2016 года 194 государства-члена ВОЗ приняли решение – искоренить вирусные гепатиты к 2030 году. В ходе 69-го заседания Всемирной ассамблеи здравоохранения – высшего руководящего органа ВОЗ – делегаты приняли «Глобальную стратегию по вирусным гепатитам». Главная цель стратегии – полностью искоренить к 2030 году вирусные гепатиты **B** и **C** во всем мире.



***Акбиби БАЙРАМОВА,***
***студентка III курса факультета международной журналистики Института международных отношений МИД Туркменистана.***

## The International Day of Friendship

The International Day of Friendship was proclaimed in 2011 by the UN General Assembly. Friendship between peoples, countries, cultures and individuals can inspire peace efforts and build bridges between communities.

The day marks the significance of friends in our lives and the way they make it better. It won't be wrong to say that the world would be a far more difficult place to be in if we didn't have friends.

To mark the International Day of Friendship the UN encourages governments, international organizations and civil society groups to hold events, activities and initiatives that contribute to the efforts of the international community towards promoting a dialogue among civilizations, solidarity, mutual understanding and reconciliation.



The International Day of Friendship is an initiative that follows on the proposal made by UNESCO defining the Culture of Peace as a set of values, attitudes and behaviours that reject violence and endeavour to prevent conflicts by addressing their root causes with a view to solving problems.



***Rahym SHAMEYEV,***
***the 1 st year student of the Faculty of International Journalism of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.***

## Tokiodaky olimpiada

2021-nji ýylyň iýul-awgust aýlarynda Ýaponiýanyň paýtagty Tokio şäherinde tomusky XXXII olimpiýa oýunlary geçiriler. Bu oýunlarda sportuň 42 görnüşi boýunça bäsleşmek üçin ýer ýüzüniň 206 döwletinden türgenler gatnaşar.

2017-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda Argentinanyň Buenos Aýres şäherinde geçirilen Halkara olimpiýa komitetiniň 125-nji sessiýasynda Tokio kabul ediji şäher hökmünde saýlanyldy. Ilkibaşda 2020-nji ýylyň 24-nji iýulyndan 9-njy awgustyna çenli meýilleşdirilýän bu çäre olimpiýa oýunlarynyň taryhynda ilkinji gezek peýda bolan COVID—19 pandemiýasy sebäpli 2021-nji ýylyň degişli döwrüne geçirildi. Şeýle-de bolsa, bu waka marketing we söwda markasy üçin "Tokio — 2020" adyny saklady. Oýunlar, esasan, pandemiýa döwründe adatdan daşary ýagdaý yglan edilendigi sebäpli tomaşaçylara rugsat edilmedik "ýapyk gapylaryň" aňyrsynda geçiriler.

2020-nji ýylyň oýunlary Tokio 1964 (Tomus), Sapporo 1972 (Gyş) we Nagano 1998 (Gyş) oýunlaryndan soň Ýaponiýada geçirilen dördünji olimpiýa oýunlarydyr. Bu ýyldaky oýunlaryna bir wagtky geçirilen, ýöne soň aýrylan ýaryşlar hem hödürlenildi. Olaryň arasynda beýsbol, softbol, karate, sport dyrmaşmagy, surfing we konkide typmak ýaly görnüşler bar.



**Serdar BAÝSÄHEDOW,**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy.**

## EDEBIÝAT

### ÝAGYŞ ÝAGÝAR

*Ýagyş ýagýar, ýagýar barha şabyrdap,*
*Ýürekdäki duýgularymy oýaryp.*
*Ýaz ýagşyna ýuwlan al-ýaňak güller,*
*Göýä maňa seredýän dek keýerip.*

*Göýä, dertlerime düşünýän ýaly,*
*Çygly sähram pyşyrdaýar ygşyldap.*
*Ýaňagyma daman ýagyş damjasy,*
*Ýüregime aram berýär jümşüldäp.*

*Ýag sen ýagşym, ýuw saçlarmy damjaňa,*
*Şonuň bilen ýüregimem ýuwulsyn.*
*Belki, dertlem ýeňlär biraz şo mahal,*
*Goý, didämden ýaş guýulsa guýulsyn!*

*Ýagyş ýagýar, ýagýar barha şabyrdap,*
*Ýalançyny getiripler lerzana.*
*Ýüregimde söýgiň goýan yzlary,*
*Juwan kalbym salyp barýar heýjana...*

### BAGYŞLA!

*Bagyşla, sen meni, dünýäni undup,*
*Şatlanyp çyn kalpdan gülmäni undup,*
*Gül meňzimi Güýz mysaly saraldyp,*
*Ajy hasratlary duýanym üçin,*
*Bir seni ýürekden söýenim üçin!*

*Bahar gelip baglar gunça açanda,*
*Ter bägüller hoşboý ysyn saçanda,*
*Seýil edemde deň-duşlarmyň içinde,*
*Men özümi ýalňyz duýanym üçin,*
*Bir seni ýürekden söýenim üçin!*

*Bolmasam-da Leýli ýa-da Züleýha,*
*Dessan etmesem-de, derdimi halka.*
*Günsaýyn duýgulam güýjeýip barha,*
*Adyňy kalbyma guýanym üçin,*
*Bir seni ýürekden söýenim üçin!*

*Karar tapman ne oturyp, ne turup,*
*Soňsuz sowallaryň öňünde durup.*
*Aňzakly aýazdan bir dünýe gurup,*
*Mähirden özümi aýanym üçin,*
*Bir seni ýürekden söýenim üçin!*

*...bagyşla bolşumdan irip käteler,*
*Şeýle bir unutmak islänim üçin.*
*Gaýta, seň deregňe özümi undup,*
*Çyn kalpdan arzuwlar beslänim üçin!*
*Bagyşla, entägem söýýänim üçin!*
*Nämedir bir zatlar duýýanym üçin!*



**Tawus AKJAÝEWA,**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.**



### MEN SENIŇ ÝANYŇA BARÝAN!

*Öwrüp düýşlerim hyýala,*
*Men seniň ýanyňa barýan!*
*Ýşk diýip çykdym bu ýola,*
*Men seniň ýanyňa barýan!*

*Peýda etmez aňzak-epgek,*
*Öňde menzil kändir entek,*
*Paý-pyýada ýöräp kem-kem,*
*Men seniň ýanyňa barýan!*

*Gara gözňe boldum teşne,*
*Gurbat tapýan sözleň eşde,*

*"Ýşkdan gelip barýan yşka",*
*Men seniň ýanyňa barýan!*

*Soragsyz girdiň ýüregme,*
*Soňra öwrüldiň geregme,*
*Sen maňa gelmäň deregne,*
*Men seniň ýanyňa barýan!*



**Sona HALYKOWA,**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.**

## Söýgüli kärim – žurnalistika!

Çagalyk ýyllarymda özümi her dürli kärde göz öňüne getirip gördüm. Hyýalymda lukman, mugallym, harby işgär, inžener, aktýor, hat-da futbol oýunçysy bolmagy hem janlandyrypdym. Arzuwlar ummanynda uçup, bir bägülden başga bägüle gonup ýörkäm, babamyň ýazan gündeligini okadym. Babam ady belli žurnalist ýada dörediјilik işgäri däl, emma ol öz gündeligine döredijilige, žurnalistika bolan höwesini şeýle çuňňur sözler bilen beýan edipdir. Şol sözleri okap, mende žurnalistika, ýagny, bir zatlar ýazyp-pozmaga bolan höwes döredi. Gün-geçdikçe hö-wesim arzuwa öwrüldi we žurnalist bolmaga ýüregimde uly isleg döredi. Babamyň seýregem bolsa gazetde çykan makalalary bilen tanyşdym, kitap tekjesindäki çeper eserleri okamaga başladym. Olary okadygymça, bir zada göz ýetirdim, adam näçe köp zat okasa bilmeli, öwrenmeli zatlarynyň has-da artýandygyna düşündim. Žurnalistika hem hemme zady öwrenýär. Eger žurnalist bolmak isleseň, onda köp zatdan baş alyp çykmagy başarmaly. «Žurnalistika ähli hünärleriň jemlenen bir nokady bolup durýar» diýip ussat žurnalistlerimiz belläp geçýär. Hakykatdan hem, žurnalistika ähli kärler bilen ýakyndan baglanyşykly. Her ugurda bolup geçýän täzelikleri, açyşlary dünýä ýüzüne äşgär edýär. Biz ýaşlar, türkmen halkymyzyň geljegi! Biz Diýarymyzy dünýä döwletleriniň arasynda has-da belende götermek üçin elimizde baryny edip zähmet çekmeli! Şol sebäpden hem ýüregimizdäki beslän kärimize eýe bolmaga çalyşmaly.

### Galamda Hakyň nury bar

Her hünär eýesi üçin iň mukaddes zatdyr. Ynsan öz ukyp-başarnygyna görä kärini saýlaýar we şol käre mynasyp bolmak üçin gijesini gündizine gatyp zähmet çekýär. Munuň üçin hünärmeniň ýüregindäki kärine bolan söýgüsi uly goldaw bolup çykyş edýär. Orta asyrlar edebiýatynyň meşhur şahyrlarynyň biri Jelaletdin Rumy şeýle belläp geçýär: «Her kim belli bir iş üçin ýaradylýar we işe bolan isleg her bir ýürege ornaşdyrylýar». Hakykatdan hem, her adamynyň bir ukyby bolýar. Biri surat çekmäge ökde bolýar, ýene biri ýazmaga, dörediјilige, ýene biri bolsa saz çalmaga, aýdym aýtmaga ussat bolýar. Garaz, dünýäde ukypsyz adam ýok. Diňe käbir ýalta adamlaryň öz zehinleriniň üstüni açyp bilmeýän wagtlary bolýar ýa-da bolmasa başarýan işleri bilen meşgullanman, düýbünden başga kärleriň eýesi bolýarlar. Stiw Jobbs şeýle diýýär: «Siziň işiňiz durmuşyňyzyň uly bölegini doldurar, şonuň üçin-de islegleriňizi kanagatlandyrmagyň ýeke-täk ýoly, ajaýyp iş diýip hasaplaýan zadyňyzy etmekdir. Uly işleri bitirmegiň diňe bir ýoly bar, ol hem edýän işiňi söýmek!»





**Laçyn RAHMANOWA,**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby,**
**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## MÜŇ BIR TAGAMLY DAGLAR

***Garrygala myhman barsaň,***
***Gujagyny geren daglar.***
***Soňudagy, Çendir, Hasar,***
***Müň hasraty gören daglar.***

*Näme üçindigini bilemok, her gezek Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabyna gadam basanymda, şahyr Kerim Gurbannepesowyň her bir türkmeniň diliniň senasyna öwrülen bu goşgy bendi ýadyma düşýär. Görüp otursam, bu dogdyk toprakda goýny jenneti küýsetmeýän jülgelerden, ynsan eli bilen döredilen erem bagyndan, haýwanat we guşlar dünýäsinden başga gyzyklanmaga, öwrenmäge mynasyp zatlar kän eken. Şolaryň biri hem "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek sebitiň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň çäklerinde guraljak Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklarynyň milli tagamlarynyň halkara festiwalyndan soňra has hem aýratyn many-mazmuna eýe boljak milli tagamlarymyz eken. Munuň şeýledigine Magtymguly etrabynyň ýaşaýjysy, ussat aşpezleriň biri Maýa Baýnazarowa bilen söhbetdeş bolanyňda hem has magat göz ýetirmek bolýar.*

**— Maýa daýza, bilşimiz ýaly, her bir etrap belli bir tagamlary bilen tanalýar. Bize Magtymguly etrabyndaky milli tagamlary sanap beräýseňiz?!**

— Bor, balam. Etrabymyzda, esasan, unaş, belke, dogram a, kellebaşaýakly çorba, börekli çorba, gara çorba, mäşli palaw, noýbaly palaw, kişdeli palaw, üzüm ýapragyndan dolama, kelemli dolama, dykma, ýumurtgaly börek ýaly tagamlar has köp bişirilýändir.

**— Şol tagamlardan biriniň taýýarlanylyş usulyny okyjylarymyz bilen paýlaşaýsaňyz?!**

— Milli tagamlaryň sanawynda çorbalaryň 15-den gowrak görnüşi bar. Men hem şolaryň biri bolan we biziň maşgalamyzda işdä bilen iýilýän gara çorbanyň taýýarlanyşyny aýdyp bereýin. Bu tagamy bişirmek üçin gowurdak, sogan, bulgar burçy, ýeralma, pomidor, ýumurtga gerek bolar.

**— Maýa daýza, bize gara çorbanyň bişirilişini has giňräk düşündiräýseňiz?!**

— Elmydama nahar bişirmäge gazany üç gezek çaýkap, "Bismilla" diýip başlamaly. Gara çorbanyň esasy aýratynlygy onuň hemişe gowurdakdan taýýarlanýandygyndadyr. Munuň ýçin esli gowurdagy gazana atyp eretmeli-de, ony sogan, bulgar, pomidor bilen bile gowurmaly. Soňra gazana görä suw guýmaly. Biraz gaýnandan soň, çorbanyň içine ýeralma atylýar. Çorba laýyklap, duz atmaly. Oňa ýumurtga çaksaň, has tagamly bolýar. Bu çorba, köplenç diýlen ýaly, çörek dogralyp iýilýär. Eger-de isleginize görä nahary içine ajy burçy atyp, iýseňiz, ol dümewden gorar.

**— Beren gyzykly maglumatlaryňyz üçin sag boluň, Maýa daýza! Size döredijilik toparymyzyň adyndan berk jan saglyk, maşgalaňyza rowaçlyk arzuw edýäris! Saçagyňyz hemişe bereketli bolsun!**

**Söhbetdeş bolan:**
**Meňli HOJAMUHAMMEDOWA,**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň II ýyl talyby.**



*Metbugat — internet gazeti Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň gözegçiliginde taýýarlanyldy.*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
INTERNET GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
INTERNET NEWSPAPER

*Baş redaktor* ***Täçgeldi GUTLYÝEW.***

*Baş redaktoryň orunbasary* ***Jemile PÜRJÄÝEWA.***
*Jogapkär kätip:* ***Bakydurdy GARAÝEW.***
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* ***Aýlar ATAJYKOWA.***
*Metbugat — internet gazetiň sahypalarynda* ***Taňryberdi MYRATLYÝEWIŇ*** *suratlary ulanyldy.*

*Baş korrektor:* ***Mähriban HUDAÝGULYÝEWA.***
*Korrektorlar:* ***Laçyn BERDIMYRADOWA, Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA, Dünýägözel ÇARYÝEWA.***

